# «PÄHIM-PAÝHAS UMMANY MAGTYMGULY PYRAGY» ÝYLY: TÜRKMENISTANYŇ KONSTITUSIÝASY WE DÖWLET BAÝDAGY – KÄMIL HUKUK ULGAMYNYŇ WE TÄZE EÝÝAMYŇ BELENT MAKSATLARYNY DURMUŞA GEÇIRMEGIŇ MIZEMEZ ESASLARY»

atly ylmy-amaly maslahatyň

## TEZISLERI

**TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATY**
**TÜRKMENISTANYŇ MEJLISI**
**TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGI**
**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**
**TÜRKMENISTANYŇ DEMOKRATIK PARTIÝASY**
**WE JEMGYÝETÇILIK GURAMALARY**
**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET, HUKUK**
**WE DEMOKRATIÝA INSTITUTY**

# «PÄHIM-PAÝHAS UMMANY MAGTYMGULY PYRAGY» ÝYLY: TÜRKMENISTANYŇ KONSTITUSIÝASY WE DÖWLET BAÝDAGY – KÄMIL HUKUK ULGAMYNYŇ WE TÄZE EÝÝAMYŇ BELENT MAKSATLARYNY DURMUŞA GEÇIRMEGIŇ MIZEMEZ ESASLARY»

**atly ylmy-amaly maslahatyň**

## TEZISLERI

*(2024-nji ýylyň 16-njy maýy)*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2024

**Suraý Akmyradowa,**
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty***

# TÜRKMENISTANYŇ KONSTITUSIÝASYNDA ADAMYŇ WE RAÝATYŇ HUKUKLARYNYŇ GORAGLYLYGYNYŇ KEPILLIKLERI

Esasy Kanunymyz bolan Konstitusiýa döwletimiziň ösüşiniň syýasy-hukuk binýady, şeýle hem adamyň we raýatyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň kepili bolup çykyş edýär. Konstitusiýa adamyň we raýatyň hukuklarynyň many-mazmunyny çuňlaşdyrýar, olaryň ösmeginde we kämilleşmeginde esasy binýat bolup durýar. Esasy Kanunymyzda her bir adamyň dynç almaga; ýaşaýyş jaýyna; saglygyny gorap saklamaga; jany we saglygy üçin amatly daşky gurşawa, onuň ýagdaýy barada hakyky maglumata; bilim almaga we medeni durmuşa gatnaşmaga bolan hukugy hem-de raýatlaryň ýaşy boýunça, näsaglan, maýyp bolan, işe ukyplylygyny, ekleýjisini ýitiren, işsiz bolan halatynda we gaýry kanuny esaslar boýunça durmuş üpjünçiligine hukugynyň bardygy beýan edilýär. Konstitusiýamyzyň 4-nji maddasyna şeýle bellenilýär: «Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy adamdyr. Adamy goramak, goldamak we oňa hyzmat etmek döwlet häkimiýet edaralarynyň baş wezipeleridir. Döwlet her bir raýatynyň öňünde jogapkärdir we şahsyýetiň erkin ösmegi üçin şertleriň döredilmegini üpjün edýär, raýatyň janyny, at-abraýyny, mertebesini, azatlygyny, şahsy eldegrilmesizligini, tebigy we aýrybaşgalanmaz hukuklaryny goraýar» diýlip bellenilip geçilýär.

Hukuk döwletimizde her bir adamyň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak, şol sanda onuň kepilligini ýokarlandyrmak döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugrudyr. Hormatly Prezidentimiziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet

diňe halky bilen döwletdir!» diýen şygary wezipesine girişen ilkinji gününden başlap öňe sürmegi, ýurdumyzda asudalygy, agzybirligi üpjün etmek, Watanymyzyň ösüşi, halkymyzyň abadan ýaşaýşy, röwşen geljegi bilen bagly kanunçylygy hem-de hukuk tertibini berkitmek barada edýän talaplary we parasatly hukuk syýasaty Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüni başdan geçirýän eziz Diýarymyzda adam hukuklarynyň goraglylygynyň başlangyç esaslaryny emele getirýär.

Esasy Kanunymyzda adamyň we raýatyň hukuklary, azatlyklary, olaryň durmuşa geçirilmeginiň we ygtybarly goragynyň esas goýujy başlangyçlary, şol sanda adamyň şahsy eldegrilmesizliginiň, erkinliginiň, at-abraýynyň we mertebesiniň ýokary kepillikleri babatda berkidilen ynsanperwer kadalar, Garaşsyz döwletimiziň halkara resminamalary esasynda öz üstüne alan borçnamalaryna ygrarlydygyny we Konstitusiýamyzyň kadalarynyň halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgeleri bilen sazlaşykly utgaşýandygyny görkezýär. Türkmenistan döwletimiziň hukuk ulgamy Adam hukuklarynyň Ählumumy jarnamasynda, Adam hukuklaryny we esasy azatlyklaryny goramak hakyndaky Ýewropa Konwensiýasynda, Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky Halkara Paktynda we şu babatda dünýä bileleşigi tarapyndan umumylykda ykrar edilen beýleki namalarda göz öňünde tutulan adamyň we raýatyň hukuklarynyň ileri tutulmagyny üpjün edýär.

Adam hukuklarynyň Ählumumy jarnamasynyň 1-nji maddasynda ähli adamlaryň mertebe we hukuklar babatda azat we deň bolup dogulýandygy bellenilýär. Adam hukuklaryny goramagyň gözbaşy bolup duran bu hukuk kadasy ýurdumyzyň jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda giňden ornaşandyr. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda türkmen halkynyň ýaşaýyş-durmuş derejesini yzygiderli gowulandyrmaga gönükdirilen giň gerimli maksatnamalary we meýilnamalary özünde jemleýän özgertmeler syýasaty batly depginde amala aşyrylýar.